# Çyn bilen ýalanyñ aralygynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda ÇYN BILEN ÝALANYÑ ARALYGYNDA

Ikirjiñlendirdi,
pikire batdym,
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda.
«Göteriñ» diýlende, tisginip gitdim.
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda.

Ýatyr, äwmän ýatyr,
Hoşgylaw adam,
Ýañybir men diýen ýaşynda, gaýdan,
Gözden gaýyp boldy,
Iñ soñky jaýda,
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda.

Ol, Gitdi.
Yzyndan çekildi heser,
Ýatlandy.
Durmuşdan birnäçe eser,
Diriniñ yzasyn, diñe wagt keser,
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda.

Ýaşdy,
Güler ýüzli
Gyzyl ýigitdi.
Iñ soñky pursatam, mertligin etdi,
Ýañyja-da bardy.
Şadyýan gitdi.
Çyn bilen ýalanyñ aralygynda.

Babaguly (Bapby tur) Hojageldi ogluna bagyşlanyp.

Remezan MÄMETGURBANOW.

14.01.2023 ý. Goşgular